**Türkmenistanyň Bilim ministrligi**

**Halkara nebit we gaz uniwersiteti**

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy
tarapyndan 19.01.2017 ý., 05/119 belgili hat
bilen tassyklanyldy

# «HÄZIRKI ZAMAN TÜRKMEN JEMGYÝETI»
# ÝOKARY OKUW MEKDEPLERI ÜÇIN OKUW MAKSATNAMASY

Düzen: professor N. Suwhanow

**Aşgabat 2017**

## Häzirki zaman türkmen jemgyýeti

### Sözbaşy

Gün-günden türkmen döwletiniň we jemgyýetiniň täzelenşe, ösüşe we özgerişe bolan ukyby artýar. Jemgyýetiň ähli gurşawlarynda düýpli özgerişler geçýär. Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurt Ýolbaşçylygyna gelmegi bilen şol özgerişe gerek bolan esaslar has giňeýär. Garaşsyzlygymyzdan başlanan özgerişleriň netijesinde türkmen jemgyýeti sowet jemgyýetçilik gurluşyndan demokratik jemgyýetçilik gurluşa geçiş döwrüni tamamlap, özüniň täze hil ýagdaýyny döretdi. Şondan soňra eziz Watanymyz Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüne gadam basdy. Şu hili çalt depginler bilen düýpli özgerýän, senagatlaşýan türkmen jemgyýetiniň özboluşlylygyny, onuň geljekki ösüşiniň ugurlaryny aňlamaklyk hem nazary, hem-de amaly ähmiýete eýe bolýar.

Hormatly Prezidentimiz ýurt ýolbaşçylygyna geçenden soňra kän wagt geçmänkä, ýagny 2008-nji ýylyň 19-njy ýanwarynda ýurduň döredijilik işgärleriniň wekilleri bilen duşuşanda eziz Diýarymyzyň abadanlaşýan durmuşy barada gürrüň açanda ýokary okuw mekdepleriň rektorlaryna ýüzlenip: «Biz bularyň ählisini diňe ýaşlar üçin edýäris. Şuny nazarda tutup, ýokary okuw mekdeplerimizde häzirki zaman türkmen jemgyýeti, onuň ösüş aýratynlyklary, kanunçylyklary barada gürrüň berýän sapagyň girizilmelidigini ýerlikli hasap edýärin»[1] diýip belläp, ýaşlara ýurdumyzda geçýän özgerişleri has çuňňur öwretmegiň zerurdygyna ünsi çekdi. Hakykatdan hem her bir adam, esasan, hünärmen öz ýaşaýan jemgyýetini bilmeli, jemgyýetde maksadalaýyk hereket etmeli. Bu ýerde ýüze çykýan meseleleri çözmek ýokary mekdepleriň professor-mugallymlaryndan we talyplaryndan intelektual yhlaslylygy talap edýär. Şu hakykat has hem häzirki türkmen jemgyýetine degişli. Ýaşlara gysga wagtyň içinde ozalky agrar ýurt bolan Türkmenistanyň senagat taýdan ösen döwletleriň hataryna işewür girişýän döwründe jemgyýetde bolup geçýän özgerişleri düşündirmek dogrudan hem köptaraply we örän ähmiýetli wezipedir.

Sowet ýolbaşçylarynyň geçen asyryň 80-nji ýyllarynda çykgynsyz ýagdaýa düşüp, ýurtda nähili jemgyýeti gurandyklaryny bilmeýändikleri baradaky ýüzlenmesi, türkmen halky garaşsyz döwlete eýe bolanyndan soňra 2000-nji ýylyň başynda ýokary derejede goýulan «Türkmenler nähili jemgyýet gurýarlar?»[2] diýen sorag bilen anyklandy. Şonda türkmen jemgyýetini häsiýetlendirmekligiň diňe bir ylmy taýdan ähmiýetiniň bolman, eýsem, adamlaryň her günki durmuşy üçin hem gereklidigi bellenildi. Sebäbi, türkmen jemgyýeti ýurtda başlanan özgerişler döwründe özüniň içerki mümkinçiliklerini has giň we düýpli açmaly bolýar.

Şonuň üçin jemgyýetiň içerki iteriji güýçlerini açyp, ony belent derejelere galdyrmaly bolýan ýaş nesil, ilki bilen hem ýokary bilimli hünärmenler öz ýaşaýan jemgyýetini, onuň aýratynlyklaryny gowy bilmelidirler. Türkmen jemgyýetinde düýpli özgerişler bolup, ýurduň, ykdysady, syýasy we medeni ösüşi üçin täze mümkinçilikler açylýar. Biziň ýurdumyzda geçýän täzeleniş örän çuňňur. Türkmen jemgyýetiniň häzirki döwründe durmuşy-ykdysady ösüş gün-günden güýjeýär we biziň durmuşymyz täze hil görnüşe eýe bolýar. Şu döwürde bolup

1. G.Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. T-2, A. 2009, 45-48 s.

geçýän özgerişleri ähli taraplaýyn aňlap, döwrüň öňe sürýän talaplaryna we çagyryşlaryna jogap tapmaly bolýar. Hormatly Prezidentimiziň jemgyýetiň häzirki ösüş döwrüni «Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri» diýip atlandyrmagy bu ugurda edilen aýgytly ädim boldy.

Bu döwürde ýurda adamzat jemgyýetiniň has göwnejaý görnüşini, onda adamyň köp görnüşli bähbitlerini, zähmete, eýeçilige, öz pikirini erkin beýan etmäge we goramaga bolan düýpli hukuklaryny iş ýüzünde durmuşa geçirýän jemgyýetiň gurluşygyna başlandy. Jemgyýet ykdysady ösüşi gazanmak bilen bir hatarda «ýaşaýşyň hilini» gowulamaga, ykdysady däl sosial maksatnamalary giňeltmäge gönükdirilen başlangyçlara ugrugýar. Öz gezeginde adamy mertebelemek, onuň hukuklaryna we azatlyklaryna hormat goýmak türkmen jemgyýetiniň has jebisleşmegine, hakyky halk häkimiýetiniň berkarar bolmagyna gerekli esaslary döredýär.

Ine, şonuň üçin başda «Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy» diýip atlandyrylan okuw dersi döwlet Baştutanynyň «Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri» ýörelgesini we Garaşsyzlygymyzdan başlanan özgerişleriň haýsy hem bolsa bir döwrüni däl-de, eýsem, umuman, «Häzirki zaman türkmen jemgyýetini» açyp görkezmek maksady bilen üýtgedildi. Şol at bilen okadylyp başlanan ders ýaşlaryň yurtda, jemgyýetde bolup geçýän özgerişler baradaky diňe bir habarlylygyny däl, eýsem, şol jemgyýetiň özgerişiniň ýollaryny öwrenmeklerini, bilmeklerini hem-de olary şol özgerişe işewür gatnaşjak adamlar edip ýetişdirmek maksadyndan ugur alýar. Şonda geljekki hünärmenleriň ylym-bilim derejesini ýokarlandyrmak ýurtda geçýän özgerişleriň aýrylmaz bölegi bolýanlygy göz öňünde tutulýar. Bu ýerde öňe çykýan wezipeler ýokary mekdepde okadylýan ähli dersleri, şol sanda jemgyýetçilik ylymlaryny okatmakda täze derejä galmaklyk bilen baglanylýar. Soňky döwürde geljekki hünärmenleriň ynsanperwer taýýarlygyny ösen ýurtlaryň ýokary mekdepleriniň tejribesi esasynda kämilleşdirmekligiň ýollary gözlenilýär.

Ilki bilen hem bu tejribäni türkmen halkynyň milli aýratynlyklary we ýurdumyzda kem-kemden berkeýän bagtyýarlyk döwrüniň talaplaryna görä özleşdirmeli bolýar. «Häzirki zamman türkmen jemgyýeti» dersini okuw dersi hökmünde okatmaga girişilende hem şu nukdaýnazardan ugur alyndy. Ol nazary we amaly häsiýete eýe. Häzirki zaman türkmen jemgyýeti, bilşimiz ýaly, özgerýän, täze hil derejelere galýan jemgyýet. Ozal esasan, agrar ýurt bolan Türkmenistan bu gün senagat taýdan ösen döwlete öwrülýär. Diýmek, bu dersiň üsti bilen bir derejeden has ýokary derejä galýan jemgyýeti öwretmeklik maksat edinilýär. Şonuň üçin jemgyýetiň durmuşyny derňemeklikde häzirki döwrüň ylmy-filosofiki pikirleniş usullar, esbaplar, serişdeler ulanylmaly bolýar.

**Dersi okatmagyň maksady** – «Häzirki zaman türkmen jemgyýeti» dersiniň baş maksady geljekki hünärmenleri türkmen jemgyýetinde bolup geçýän düýpli özgerişler, onuň döwrebaplaşmagy we industriallaşmagy, onda adamyň döredijilik

we gurujylyk ukyplaryna eýe bolmaklary üçin döreýän şertler bilen tanyşdyryp, olarda durmuşy meseleler, jemgyýetde demokratik gymmatlyklaryň ýaýbaňlanyşy, ýurtda senagat taýdan ösen döwletiň kemala gelşi barada oýlanmaga kömek etmek. Şonuň ýaly-da bu ders biziň jemgyýetimiziň ösüşiniň bagtyýarlyk döwründe täzeçe pikir ýöretmegi, ylmy dünýägaraýşy geljekki hünämenlerde kemla getirmäge hyzmat etmeli.

**Dersi öwrenmegiň meseleleri** – «Häzirki zaman türkmen jemgyýeti» dersinde beýan edilýän meseleleriniň esasy ugurlary bolan ýurduň baýlyklary we mümkinçilikleri, jemgyýetçilik durmuşynyň özgermegi üçin dörän esaslar, jemgyýetiň syýasy ulgamy, ýurduň sosial-ykdysady ösüşiniň aýratynlyklary, jemgyýetiň ruhy dünýäsi, ylym-bilim ulgamy, jemgyýetiň intellektual baýlygy, demokratiki özgeriş, Türkmenistanyň halkara gatnaşyklardaky orny bilen baglanyşykly ýurtda bolup geçýän özgerişler bilen baglý.

«Häzirki zaman türkmen jemgyýeti» okuw dersi, görşümiz ýaly, täze jemgyýeti-demokratik jemgyýeti ähli taraplaýyn açyp görkezmekligi maksat edinýär. Ýöne ýurdumyzyň ýokary mekdeplerinde geçilýän «Türkmenistanyň taryhy», «Filosofiýa», «Sosioligiýa», «Syýasaty öwreniş» we «Ykdysady taglymat» dersleri hem jemgyýetde adamlaryň dürli ugurlardaky gatnaşyklaryny, olaryň hereketlerini, harytlary hem-de hyzmatlary öndürmeklerini hem sarp etmeklerini, zähmeti we dynç alyşy, jemgyýetçilik durmuşynyň gurluşyny, düzümini öwrenýärler. Şol bir wagtda olar türkmen jemgyýetini sosial filosofiki nukdaýnazardan dolulykda derňemeýärler. Hawa, Türkmenistanyň taryhy derslnde türkmen jemgyýeti bilen baglanyşykly meseleler öwrenilýär. Ýöne, onda türkmen halkynyň geçmiş taryhy we garaşsyzlygyň ilkinji ýyllary taryhy nukdaýnazardan açylyp görkezilýär. Biziň garaýan dersimizde häzirki türkmen jemgyýeti ylmy-filosofiki nukdaýnazardan giňişleýin derňelýär.

Her bir ylym kimin «Häzirki zaman türkmen jemgyýeti» baradaky ylym hem taryhy esaslarda kemala geldi. Ýokarda bellenilşi ýaly, bu ylym türkmen jemgyýetiniň ozalky sowet jemgyýetçilik gurluşyndan täze jemgyýetçilik gurluşyna geçip, özüne mahsus bolan içki demokratik mümkinçiliklerini aýdyň açýan wagtynda aýratynlyga we özboluşlylyga eýe bolup, bazar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň hem raýat jemgyýetiniň gymmatlyklaryny özünde jemleýän jemgyýet baradaky ýurdumyzyň jemgyýetçilik ylymlarynyň aýratyn pudagy bolup ýüze çykdy. Bu ylym türkmen jemgyýetine öz maksatlaryndan we bähbitlerinden ugur alyp, öz zerurýetligini kanagatlandyrmak maksady bilen hereket edýän adamlary hem jemgyýetçilik toparlary içine alýan, öz edaralaryna we düzümine eýe bolan özgerýän ulgam hökmünde garaýar. Şu hem biziň garaýan dersimiziň esasy meselelerini kesgitleýär. Her bir jemgyýetçilik ylmynyň üns merkezinde adam durýar. Ýöne olar adamy dürli nukdaýnazardan öwrenýärler.

«Häzirki zaman türkmen jemgyýeti» dersiniň bu meselä garaýşynyň özboluşlylygy Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgesi häzirki bagtyýarlyk döwrüiň özboluşly ruhy durmuşy maksatnamasyny emele getirip, watandaşlarymyzy beýik

maksatlaryň töweregine jebisleşdirýär. Bu dersde, bir tarapdan, täze döwürde döredijilikli, başarjaň, hünärli adamy ýetişdirmek üçin döwletiň edýän tagallalary açylyp görkezilse, ikinji tarapdan, il-ýurt bähbitlerinden ugur alýan, jemgyýetiň ykdysady, syýasy we medeni-ruhy durmuşyny kämilleşdirmeklige öz saldamly goşandyny goşýan adamyň işewürligini, jogapkärçiligini artdyrmaklygyň ýollary beýan ediler.

## Häzirki zaman türkmen jemgyýeti

## Umumy okuw we söhbetdeşlik okuwy

| Tertip belgisi | Temalaryň atlary | Jemi sagat sany | Sapaklaryň görnüşleri we sagat sany | |
|---|---|---|---|---|
| | | | Umumy sapak | Söhbet. sapak |
| 1 | Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersiniň predmeti. Esasy düşünjeler. Dersiň maksatlary we wezipeleri. | 2 | 2 | |
| 2 | Türkmenistanyň geografiki ýerleşişi, tebigy baýlyklary we demografiki aýratynlyklary.<br>**1-nji sapak.** Türkmenistanyň geografiki ýerleşişi, tebigy baýlyklary we demografiki aýratynlyklary.<br>**2-nji sapak.** Türkmen halkynyň önümçilik medeniýeti, medeni mirasy. | 8<br>4<br>4 | 4<br>2<br>2 | 4<br>2<br>2 |
| 3 | Garaşsyz Türkmenistanda jemgyýetçilik durmuşynyň özgermegi üçin dörän esaslar.<br>**1-nji sapak.** Sowet jemgyýetçilik gurluşyndan demokratik jemgyýetçilik gurluşyna geçiş döwri.<br>**2-nji sapak.** Täze Galkynyş eýýamy we bagtyýarlyk döwri. | 8<br>4<br>4 | 4<br>2<br>2 | 4<br>2<br>2 |
| 4 | Häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň syýasy ulgamy.<br>**1-nji sapak.** Türkmen jemgyýetiniň syýasy gurluşy.<br>**2-nji sapak.** Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kämilleşdirilişi we hukuk ulgamynyň özgerişi. | 12<br>4<br>4 | 6<br>2<br>2 | 6<br>**2**<br>2 |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | **3-nji sapak.** Ýurtda demokratiýanyň ýaýbaňlanmagy sosial-ykdysady ösüşiň çeşmesi hökmünde. | 4 | 2 | 2 |
| 5 | Türkmenistanyň sosial-ykdysady ösüşiniň aýratynlyklary.<br>**1-nji sapak.** Türkmenistanda ýurduň ykdysadyýetini ösdürmegiň täze nusgasy.<br>**2-nji sapak.** Agrar ýurtdan senagat taýdan ösen ýurda öwrülmegiň ýollary.<br>**3-nji sapak.** Jemgyýetiň sosial düzümi**.**<br>**4-nji sapak.** Kuwwatly işewür gatlagyň kemala gelmegi. | 16<br>4<br>4<br>4<br>4 | 8<br>2<br>2<br>2<br>2 | 8<br>2<br>2<br>2<br>2 |
| 6 | Türkmen jemgyýetiniň ruhy dünýäsi.<br>**1-nji sapak.** Jemgyýetiň ruhy dünýäsi. Ruhy galkynyş.<br>**2-nji sapak.** Türkmen döwletiniň ylymly, bilimli, hünärli nesli terbiýeläp ýetişdirmek ugrundaky aladalary.<br>**3-nji sapak**. Milletiň medeni durmuşy we maglumat jemgyýeti. | 12<br>4<br>4<br>4 | 6<br>2<br>2<br>2 | **6**<br>2<br>2<br>2 |
| 7 | Türkmenistanda raýat jemgyýeti.<br>**1-nji sapak.** Milletiň döredijilik we gurujylyk ukybynyň ýokarlanmagy.<br>**2-nji sapak.** Türkmenistanda raýat jemgyýetiniň berkararlanmagy. | 8<br>4<br>4 | 4<br>2<br>2 | **4**<br>2<br>2 |
| 8 | Türkmenistanyň häzirki zaman halkara gatnaşyklar ulgamyndaky orny.<br>**1-nji sapak.** Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň dünýä bileleşiginde tutýan orny we onuň daşary syýasaty.<br>**2-nji sapak.** Türkmenistanyň hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary we hyzmatdaşlyga ygrarlylygy. Geosyýasat. | 8<br>4<br>4 | 4<br>2<br>2 | 4<br>2<br>2 |
| | **Jemi** | **74** | **38** | **36** |

## «Häzirki zaman türkmen jemgyýeti» dersiniň mysaly maksatnamasy

### I sapak. Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersiniň predmeti. Esasy düşünjeler. Dersiň maksatlary we wezipeleri

«Häzirki zaman türkmen jemgyýeti» dersiniň predmeti. Türkmen jemgyýeti, ondaky özgerişler. Garaşsyzlyk we jemgyýetiň hil taýdan täze derejä çykmaklygyna dörän mümkinçilikler. Täzeleniş döwründe agrar ýurduň senagat taýdan ösen döwlete öwrülişi. Jemgyýetiň syýasy, ykdysady, sosial we medeni durmuşynda geçýän özgerişler. Türkmen jemgyýetiniň täzeleniş döwri. Galkynyş eýýamy. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri. Türkmenistanda raýat jemgyýetiniň kemala gelşiniň özboluşlylygy.

«Häzirki zaman türkmen jemgyýeti» dersiniň esasy düşünjeleri. «Jemgyýet», «türkmen jemgyýeti», «häzirki zaman türkmen jemgyýeti», «Täzeleniş», «postindustrial ösüş», «özgeriş», «döwrebaplaşmak» we «industriallaşmak» düşünjeleri. «Ruhy galkynyş», «milli galkynyş», «senagat taýdan ösen döwlet», «berkarar döwlet», «bagtyýarlyk döwri», «raýat jemgyýeti», «hukuk döwleti», düşünjeleriň many-mazmuny. Milli we umumadamzat gymmatlyklary, olaryň özara baglanyşygy.

Hünärmenleriň gumanitar taýýarlygynyň ulgamynda «Häzirki zaman türkmen jemgyýeti» dersiniň tutýan orny. Dersiň terbiýeçilik ähmiýeti. Milletiň we ýurduň geçmişi, şu güni we geljegi, halkyň belentliklere galan we pese düşen döwürlerine baha bermekde dersiň orny. Garaşsyzlygymyzy, onuň milli bähbitlerini düşündirmekdäki, adamlaryň öz ykbalyny ýurduň ykbaly bilen baglamak başarnygyny taplamakdaky onuň ähmiýeti. «Häzirki zaman türkmen jemgyýeti» dersiniň ýokary okuw mekdebinde okadylýan beýleki jemgyýetçilik ylymlary bilen baglanyşygy.

Häzirki zaman siwilizasiýasynyň ösüş aýratynlygy we bütin dünýa globallaşma prosesi. Türkmenistanyň dünýä bileleşigindäki orny we bu ornuň geljekde has hem berkemegine açylýan ýol.

## II bölüm
## I BAP. TÜRKMENISTANYŇ GEOGRAFIKI ÝERLEŞIŞI, ÝURDUŇ TEBIGY WE MEDENI-RUHY BAÝLYKLARY

### I sapak. Türkmenistanyň geografiki ýerleşişi we tebigy baýlyklary, demografiki aýratynlyklary.

Türkmenistanyň geografiki ýerleşişi. Merkezi Aziýanyň günbatar bölegi. Günbatarda Hazar deňzi, gündogarda Amyderýa, demirgazykda Ustýurt, günortada Köpetdag Paropamiriň dag etekleri. Garagum çöli. Amyderýa, Murgap, Tejen, Etrek we beýleki derýalar. Türkmen derýasy. Garabogaz we Altyn Asyr türkmen kölleri.

Türkmenistanyň klimaty we topragynyň aýratynlygy. Kontinental we gurak klimat. Dowamly we güýçli gün şöhlesi. Çöl-sähraly zona. Melemtil-goňras,

takyrsow toprak. Takyrlar. Çägeli çöllük toprak. Suwarymly ekindarçylyga amatly ýerler. Öri meýdanlar. Türkmenistanyň ýerasty baýlyklary. Nebit we gaz. Kükürt. Kömür. Kaliý we nahar duzlary. Barit, polimetallar, bentonit toýny, gurluşyk materiallary. Ýerasty we mineral suwlar. Türkmenistanyň senagatyň dürli görnüşlerini ösdürmekde bolan mümkinçiliklerini ulanmagynyň ýollary.

Demografiýa. Türkmenistanda demografiki özgeriş. Türkmen döwletiniň demografiki syýasaty. Eneligiň, çagalygyň we maşgalanyň goraglylygynyň kepillendirilmegi. Ýaş maşglalara durmuş meselelerini çözmeklige berilýän kömek. Ýurtda çaga dogluşynyň görkezijileriniň durnukly saklanmagy. Ilat ýazgysy we onuň demografiki syýasata edýän täsiri.

### II sapak. Türkmen halkynyň önümçilik medeniýeti, medeni mirasy

Türkmen halkynyň önümçilik medeniýeti. Ilatyň gadym döwürlerden bäri ekerançylyk, maldarçylyk we senetçilik bilen meşgul bolanlygy. Ýer we suw baýlyklary rejeli we aýawly ulanmakda toplanan tejribe we bu ýerdäki meseleler.

Türkmen ýurdundaky arheologiki ýadygärlikler, halkyň şäher gurluşyk medeniýeti. Türkmenistanyň gadymy söwda ýollarynyň, dini we medeni gatnaşyklaryň çatrygynda ýerleşenligi. Milletiň ynsanperwerlik gymmatlyklara ygrarlylygy.

Türkmen halkynyň hojalyk ýöretmeklik, täjirçilik, telekeçilik tejribesi.

Ýakyn geçmişde ýurduň senagatlaşmagy üçin dörän käbir esaslar we olary öwrenmekligiň aýratynlygy.

## II BAP. GARAŞSYZ TÜRKMENISTANDA JEMGYÝETÇILIK DURMUŞYNYŇ ÖZGERMEGI ÜÇIN DÖRÄN ESASLAR

### I sapak. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllary. Sowet jemgyýet gurluşyndan demokratik jemgyýetçilik gurluşyna geçiş döwri

Türkmenistanyň garaşsyzlygy. Milli türkmen döwletiniň döremegi. Demokratik, hukuk we dünýewi döwletiň ýol-ýörelgeleriniň saýlanyp alynmagy. Türkmen döwletiniň hemişelik Bitaraplyk derejesiniň ykrar edilmegi. Totalitar jemgyýet gurluşyndan demokratik jemgyýet gurluşyna geçiş döwri. Häkimiýet bölünişigi we onda Türkmenistanyň Halk maslahatynyň tutan orny. Bazar gatnaşyklaryny özleşdirmäge açylan ýol.

Jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryny milli gymmatlyklar esasynda gurnamak ugrunda edilen tagallalar. Jemgyýetiň ruhy dünýäsinde bolup geçen özgerişler.

Geşiş döwründe jemgyýetiň sosial düzüminiň, syýasy gurluşynyň özgermegi. Jemgyýetçilik gatlaklaryň we sosial toparlaryň bähbitlerini utgaşdyrmak ugrunda edilen işler. Bu işde Türkmenistanyň Umumymilli «Galkynyş» hereketiniň eýelän orny.

## II sapak. Täze Galkynyş eýýamy we bagtyýarlyk döwri

Geçiş döwrüniň tamamlanmagy. Jemgyýetiň demokratiki özgerişiniň mümkinçilikleri. Täze Galkynyş eýýamy. Ähli ugurlarda başlanan oňyn reformalar, özgerişler. Jemgyýetiň ykdysady, syýasy, medeni durmuşyny döwrebaplaşdyrmak. Ruhy galkynyş. Ylym-bilim özgertmeleri. Sosial goragly bazar ykdysadyýetine girişilmegi. Postindustrial ösüş ýolunyň saýlanyp alynmagy.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasynyň kabul edilmegi. Häkimiýet bölünişiginiň dünýä tejribesi esasynda gurnalmagy. Täzelenişiň täze tapgyry. Ösüşiň milli nusgasy. Halkyň däp-dessurlarynyň döwrüň talaplary, innowasion çözgütler bilen sazlaşmagy.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri. Ýaşaýşyň hilini gowulandyrmaga, sosial maksatnamalary giňeltmäge gönükdirilen başlangyçlar.

# III BAP. HÄZIRKI ZAMAN TÜRKMEN JEMGYÝETINIŇ SYÝASY ULGAMY

## I sapak. Türkmen jemgyýetiniň syýasy gurluşy

Türkmen halkynyň syýasy tejribesi. Häzirki türkmen jemgyýetiniň syýasy gurluşy. Jemgyýetiň syýasy ulgamynyň düzümi. Döwlet edaralary we jemgyýetçilik guramalary. Hukuk we ideologiýa. Täzeleniş döwründe jemgyýetiň syýasy durmuşyndaky özgerişler.

Halk Maslahatynyň ýatyrylmagy bilen häkimiýet edaralarynyň wezipeleriniň giňeldilmegi we takyklanmagy. Häkimiýet bölünişiginiň doly üpjün edilmegi. Jemgyýetiň syýasy ulgamynyň döwrebaplaşmagy. Türkmenistanyň Umumymilli «Galkynyş» hereketiniň öz işini bes etmegi we jemgyýetçilik guramalaryň jogapkärçiliginiň ýokarlanmagy. Täze döwlet ideologiýasy.

Syýasy köppartiýaly syýasy ulgamyň döremegi. Saýlaw ulgamynyň kämilleşmegi.

## II-nji sapak. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kämilleşdirilişi we hukuk ulgamynyň özgerişi.

Ýurtda geçýän özgerişleriň düýpliligi we konstitusion özgerişleriň zerurlylygy. 2014-nji ýylda konstitusion reformalaryň ikinji tapgyry. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşiniň taslamasynyň taýýarlanmagy. 2016-njy ýylyň 2-nji fewralynda geçen Konstitusion toparyň maslahaty. Bu ýerde Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň çykyşy.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşi. Türkmenistanda syýasy köpdürlüligiň we köppartiýalylygyň ykrarlanmagy. Adam hukuklarynyň giňeldilmegi, adamyň mertebelenmegi.

### III sapak. Ýurtda demokratiýanyň ýaýbaňlanmagy sosial-ykdysady ösüşiň çeşmesi hökmünde

Konstitusiýanyň täze redaksiýasy täzeleniş döwrüniň syýasy-hukuk resminamasy, ýurtdaky demokratik özgerişleriň kepilnamasydyr. Demokratik ýörelgeleriň jemgyýetiň syýasy gurşawyndan daşgary, onuň beýleki gurşawlarynda ýüze çykyşynyň aýratynlygy. Demokratiýa we ykdysady özgeriş. Telekeçilik. Demokratiýanyň syýasy, syýasy-hukuk, umumy sosial we sosial-medeni häsiýete eýe bolmagy. Jemgyýetiň demokratiýalaşmagynda ösen durmuş infrastrukturanyň, köp görnüşli kommunikasiýa düzüminiň döremeginiň ähmiýeti. Demokratik jemgyýetiň kemala gelmegi üçin ýurtda ýokary derejeli ýaşaýyş şertlerini döretmäge gönükdirilen sosial goragly ykdysadyýet.

Demokratiýa we demokratiki özgerişiň maddy-tehniki esaslary. Industrial jemgyýetiň maddy binýadynda demokratiýanyň täze nusgasy kemala gelmegi. Ykdysady durmuşyň demokratiýalaşmagy. Hususy eýeçilik we demokratiýa. Türkmen demokratiýasy. Onuň pugtalanmagy. Syýasy medeniýet. Halk häkimiýetini, döwletiň hyzmatdaşy hökmünde raýat jemgyýetini döretmegi üpjün etmek boýunça ädilýän ädimler.

## IV BAP. TÜRKMENISTANYŇ SOSIAL-YKDYSADY ÖSÜŞINIŇ AÝRATYNLYKLARY

### I sapak. Türkmenistanda ýurduň ykdysadyýetini ösdürmegiň täze nusgasy

Sosial maksatly bazar ykdysadyýeti. Bazar gatnaşyklara geçmegiň türkmen nusgasynyň aýratynlyklary. Türkmenistanyň ykdysadyýetini we eksport kuwwatlyklaryny diwersifikasiýalaşdyrmak. Halkara bazarlarynda bäsleşige ukyply taýýar önümleri öndürmek. Daşary ýurt maýa goýumlaryny ýurduň ykdysadyýetine çekmegiň ykdysady we hukuk binýatlaryny halkara ülňülerine laýyk getirmek. Milli manadyň hümmedini ýokarlandyrmak.

Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdeji binýadyny berkitmek we şonuň esasynda sosial, medeni-durmuşy meseleleri çözmäge gönükdirilen maýa goýum serişdelerini artdyrmak. Ýurtda döwlete girýän kärhanalary dolandyrmagy kämilleşdirmek. Türkmenistanda hususy telekeçiligi ösdürmegi höweslendirmek we olara döwlet goldawyny bermek. Zähmet haklaryny, pensiýalary, talyp haklaryny, kömek pullaryny ýokarlandyrmak. Türkmenistanda täze kärhanalary we iş ýerlerini döretmek. Türkmenistanyň tebigatyny goramak we ekologiki çäreler.

Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlary. Esasy makroykdysady görkezijileriň ösüşi.

## II sapak. Agrar ýurtdan senagat taýdan ösen ýurda öwrülmegiň ýollary

Industriallaşmak ýoly. Ýurduň ykdysadyýetiniň düzümi. Onda oba hojalygyň tutýan orny. Soňky döwürde ýurduň ykdysadyýetiniň düzüminde bolup geçýän üýtgemeler. Jemi içerki önümiň düzüminde senagat we gurluşyk pudaklarynyň önümleriniň mukdarynyň artmagy. Bu ýerde oba hojalyk pudagynyň önümleriniň göteriminiň azalmagy we şol bir wagtda olaryň mukdarynyň artmagy. Ýurduň oba hojalygyndaky düýpli özgerişler. Ýurtda agrar-senagat pudagynyň berkemegi.

Ýurduň senagat taýdan ösen döwlete öwrülmegi. Ykdysdyýetiň ähli pudaklarynda ylmyň we tehnologiýanyň soňky gazananlaryny özüne siňdiren senagat we agrosenagat toplumlarynyň döremegi. Ozaldan işläp gelýän kärhanalaryň durkunyň täzelenmegi. Iň öňdebaryjy tehnologiýalar bilen üpjün edilen iş ýerleriniň döredilmegi. Ýurtda täze industrial merkezleriň kemala gelmegi.

Ýurtda geçýän urbanizasion özgeriş. Şähergurluşyk işleriniň ýaýbaňlanmagy. Ozalky şäherleriň täzelenmegi we giňelmegi, nusgalyk şäherleriň gurulmagy, täze industrial merkezleriň döremegi. Şäher ilatynyň sanynyň artmagy. Ýurtda berkeýän şäher ýaşaýyş keşbiniň aýratynlygy.

## III sapak. Jemgyýetiň sosial düzümi we ondaky özgerişler

Täze taryhy özgertmeler döwürde şahsyýetara gatnaşyklar we jemgyýetiň sosial düzümindäki özgertmeler. Jemgyýetiň düzüminde dörän we döreýän sosial toparlar, synplar, gatlaklar. Täzeleniş döwründe eýeçiligiň täze görnüşleriniň (hususy eýeçilik, aksioner eýeçilik we başg.) we olar bilen baglanyşykly sosial toparlaryň, gatlaklaryň döremegi. Täze sosial toparlaryň jemgyýetdäki orny. Senagatçylar we telekeçiler synpy. Döwletiň telekeçilere goldawy. Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi. Türkmenistanyň senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň döremegi.

Jemgyýetdäki özgerişe garaýyşlaryň köpdürliligi: täze gymmatlyklara daşarky güýjüň (döwlet ýa-da özgeridiji topar) täsiri hökmünde garaýan topar; özgerişe serişde hökmünde garaýan topar; özgerişe şahsyýeti kämilleşdirmegiň mümkinçiligi hökmünde garaýan topar.

Türkmenistanyň ilatynyň milli düzümi. Milletara gatnaşyklar. Türkmen döwletiniň milli syýasaty. Ilatyň ýaşy we jynsy toparlara bölünmegi. Jemgyýetde maşgalanyň orny. Ilatyň sosial goraglylygy.

### IV sapak. Kuwwatly işewür gatlagyň kemala gelmegi

Orta gatlak, jemgyýetiň sosial düzüminde onuň tutýan orny. Orta gatlaga bolan garaýyşlar. Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow orta gatlak barada. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe kuwwatly işewür gatlagyň kemala gelmeginiň şertleri. Ilatyň zähmete ukyplylygy boýunça sosial toparlara bölünişi. Akyl we fiziki zähmet bilen baglanyşykly toparlar. Işewür adamlar. Ýokary derejeli hünärmenler. Inžener-tehniki işgärler. Senagatçylar we telekeçiler. Ýaş nesliň telekeçilik işiniň esaslaryny özleşdirmegi ugrunda edilýän aladalar.

Häzirki türkmen jemgyýetiniň intellektual baýlygy we onuň düzümi. Hünärmenler, ylmy we döredijilik intelligensiýasy. Hünärmenler we iş ýöredijiler. Döwlet gullukçylary. Ýurduň ylmy-tehniki hem-de ykdysady ösüşini kesgitleýän alymlar, ýokary derejeli hünärmenler we ekspertler. Mugallymlar, edebiýat we sungat işgärleri. Inžener-tehniki işgärler, menejerler, brokerler we başgalar. Intellektual elita. Intellektual elitany kemala getirmek ugrunda edilýän aladalar. Intellektual eýeçiligiň goraglylygy.

## V BAP. Türkmen jemgyýetiniň ruhy dünýäsi

### I sapak. Jemgyýetiň ruhy dünýäsi. Ruhy galkynyş

Jemgyýetiň ruhy dünýäsi. Ruhy durmuş. Medeniýet, onuň jemgyýetiň ruhy dünýäsindäki orny. Medeniýet we jemgyýetçilik aňyýeti.

Jemgyýetçilik ideologiýasy we psihologiýasy. Ahlak we ahlaklylyk.

Täzeleniş we we ruhy medeni galkynyş. Bagtyýarlyk döwrüniň ruhy gymmatlyklary. Täze durmuşy filosofiýasy. «Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri» ýörelgesi.

Jemgyýetiň durmuşynda edebiýatyň we sungatyň orny. Ösüş we özgeriş. Döwrüň derwaýyslyklary we çagyryşlary. Täze ruhy gymmatlyklary döretmek ýoly.

### II sapak. Türkmen döwletiniň ylymly, bilimli, hünärli nesli terbiýeläp ýetişdirmek ugrundaky işleri

Jemgyýet we ýaş nesil. Ýurduň häzirki täzelenýän, innowasion ösüş döwründe ylymly-bilimli, hünärli ýaşlaryň täze neslini kemala getirmegiň zerurlygy we olara bildirýän talaplar. Hünärmenleriň, işewürleriň täze neslini

ýetişdirmek barada türkmen döwletiniň edýän tagallalary. Hünär saýlamak ony özleşdirmek we jemgyýetde orun eýelemek.

Täze taryhy döwürde ýurtda ylym-bilim ulgamyndaky düýpli özgerişler. Bilim ulgamynyň ähli derejeleriniň maddy-tehniki binýadynyň berkidilmegi. Okatmagyň we hünär öwretmegiň täze tehnologiýalary. Umumy orta bilim berýän mekdepleriň täze derejesi. Orta we ýokary okuw mekdepleriniň hil derejesiniň ýokarlanmagy. Ýokary okuw mekdepleriniň halkara derejä çykmaklaryna dörän mümkinçilikler. Başlangyç hünär, orta ýörite hünär we ýokary hünär mekdepleriniň işleriniň döwrebaplaşdyrylmagy. Hünär kämilleýiş edaralary.

Ýurduň ylmy edaralary. Türkmen döwletiniň ýaş alymlary ýetişdirmek işi. Ylym-bilim-önümçilik. Tehnologiki merkez.

Mugallymlar we alymlar hakynda edilýän aladalar. Olaryň iş we ýaşaýyş şertleriniň, zähmet haklarynyň ýokarlanmagy. Mugallymlaryň ylym-bilim we hünär derejesiniň kämilleşdirilmegi barada edilýän tagallalar. Mugallymyň we alymlaryň jogapkärçiligi, okuw mekdeplerinde we ylmy edaralarda ussat-şägirt gatnaşyklary.

### III sapak. Milletiň medeni durmuşy we maglumat jemgyýeti

Jemgyýet we medeniýet. Häzirki döwürde milli medeniýet. Millilik we milli ideologiýa. Bagtyýarlyk döwründe jemgyýetiň medeni durmuşyndaky özgerişler. Medeniýetiň hil taýdan özgerişi. Medeni mirasyň orny. Milli medeni mirasy jemgyýetiň özleşdirmeginde muzeýleriň orny. Ýurduň muzeýler ulgamy. Döwrebap kitaphanalaryň döredilmegi.

Medeniýet, ylym we filosofiýa. Durmuş filosofiýasy. Edebiýat we sungat, olaryň arabaglanyşyklary. Edebiýatyň, sungatyň, metbugatyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň jemgyýetiň ösüşindäki orny. Adamlaryň ruhy dünýäsiniň baýlaşmagy. Türkmenistanda diniň jemgyýetdäki orny.

Maglumat jemgyýeti. Maglumat tehnologiýalary. Türkmenistanyň maglumat howpsuzlygy. Däp-dessurlar we innowasiýalar. Ösüşiniň çylşyrymly meselelerini çözmäge ukyply jemgyýet. Maglumat we bilim. Ýurdumyzda kemala gelýän maglumat ulgamy. Milli kosmas agentligi Ýeriň milli emeli hemrasyna eýe bolýar.

## VI BAP. Türkmenistanda raýat jemgyýeti

### I sapak. Milletiň döredijilik we gurujylyk ukybynyň ýokarlanmagy

Millet we onuň döredijilik ukyplary. Jemgyýetiň ýaşaýyş durmuşy. Türkmeniň ýaşaýyş medeniýeti. Sadalyk we sagdynlyk. Halklaryň medeniýetlerindäki we dünýä dinlerindäki hakykylygy tapmak. Olary durmuş

tejribesinde açmaga bolan ukyp. Bagtyýarlyk döwründe milletiň döredijilik ukyplarynyň işjeňleşmegi. Adamyň döredijilige bolan hukuklarynyň kanun taýdan kepillendirilmegi. Bagtyýarlyk döwrüniň ruhy gymmatlyklaryny döretmek.

Türkmenistanda adamyň mertebelenmegi, adam hukuklarynyň kepillendirilmegi we goralmagy. Adamyň döredijilik we gurujylyk ukyplaryny açmagyň şertleri. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde iş başarjaň hünärmenleriň täze nesliniň ýetişdirilmegi. Ýurtda telekeçilige açylan mümkinçilikler. Ylmy we çeper döredijilik. Milli demokratiýa we öz-özüni dolandyryş, munda jemgyýetçilik guramalaryň we syýasy partiýalaryň orny.

Berkarar döwlet we milletiň jebisligi. Bagtyýarlyk döwründe siwilleşen ösüşe eýe bolan türkmen milletiniň özüne dünýäni açmagy we dünýä açylmagy.

### II sapak. Türkmenistanda raýat jemgyýetiniň berkararlanmagy

Döwlet we jemgyýet. Olaryň özara gatnaşyklary. Raýat jemgyýeti. Adam, onuň hukuklary we azatlyklary hakynda konstitusion düzgünler. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda şahsyýetiň we döwletiň özara gatnaşyklarynyň kadalaşdyrylyşy.

Jemgyýetçilik durmuşynyň durnuklylygy Türkmenistanda hukuk döwletini, raýat jemgyýetini gurmagyň girewi hökmünde. Hususy eýeçiligiň giňelmegi we demokratiýanyň ýaýbaňlanmagy esasynda raýat jemgyýetiniň edaralarynyň kemala gelmegi.

Halkyň döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryna saýlan wekilleri bilen bir hatarda ýaşaýan ýerleri boýunça ýa-da bähbitleriň umumylygy boýunça döredilen raýat jemgyýetiniň guramalary bilen bilelikde häkimiýeti amala aşyrmak mümkinçilikleri.

## VII BAP. Türkmenistanyň häzirki zaman halkara gatnaşyklar ulgamyndaky orny

### I sapak. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň dünýä bileleşiginde tutýan orny we daşary syýasaty.

Türkmenistanyň halkara gatnaşyklardaky orny. Garaşsyz we hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletiniň daşary syýasatynyň many-mazmuny we esasy ugurlary.

Türkmen diplomatiýasy. Ählumumy howpsuzlyk. Energetiki howpsuzlyk. Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň bu ugurda öňe süren başlangyçlary.

Türkmen döwletiniň sebitde we bütin dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirilen täze daşary syýasat başlangyçlary, öňe süren «ösüş arkaly parahatçylyk» ýörelgesi.

## II sapak. Türkmenistanyň hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary we hyzmatdaşlyga ygrarlylygy. Geosyýasat.

Geosyýasat. Häzirki zamanyň geosyýasy ulgamynda Türkmenistanyň mynasayp orny eýelemegi. Ulag üstaşyr geçirijileriň bu ýerdäki orny.

Türkmenistanyň hyzmatdaşlyk syýasatynyň ttäsirliligi. BMG Türkmenistanyň strategiki hyzmatdaşy. Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýada öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit Merkeziniň we Ýewropa öýüniň açylmagy.

Türkmenistanyň sebitdehyzmatdaşlygy gurnamakdaky orny. Hyzmatdaşlyk we döwrebaplaşmak.

Dünýä jemgyýetçiliginiň Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň parahatçytlyk ugrunda işjeň hyzmatdaşlyga gönükdirilen daşary syýasatynyň goldanmagy.

## Edebiýat


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. - A. TDNG. 2016.

2. Berdimuhamedow Gurbanguly Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. - A. TDNG.2008.

3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. - A. TDNG. 2009.

4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. III tom. - A. TDNG. 2010.

5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. IV t. - A. TDNG. 2011.

6. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. V tom. - A. TDNG. 2012.

7. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VI tom. - A. TDNG. 2013.

8. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VII tom. - A. TDNG. 2014.

9 Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VIII tom. - A. TDNG. 2015.

10 Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – A. Ylym, 2007.

11. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - A. TDNG. 2007.

12. Berdimuhamedow G. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. - A. TDNG.2010.

13. Berdimuhamedow Gurbanguly Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. - A. TDNG. 2010.

14. Berdimuhamedow Gurbanguly Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. II tom. -A. 2010.

15. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasy. Aşgabat. 2010.

16. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin milli Maksatnamasy. - A. 2007.

17. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. – A. TDNG, 2007.

18.Berdimuhamedow Gurbanguly. Täze Galkynyş eýýamy: wakalaryň senenamasy. 2007 ýyl . – A. TDNG. 2008.

19. Berdimuhamedow Gurbanguly – Döwlet adam űçindir. - A, TDNG, 2008.

20. Berdimuhamedow Gurbanguly – Halkyň saýlany we ynam bildireni. - A, 2007.

21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylşynyň birinji masalahatynda eden çykyşy. ( 2014-njy ýylyň ýanwar aýynyň 7-si). Türkmenistan gazeti, 2014-nji ýylyň 8-nji ýanwary.

22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşy. (2014-nji ýylyň 10-njy ýanwary). Türkmenistan gazeti. 2014-nji ýylyň 11-nji ýanwary.

23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat. TDNG. 2007.

24. Gurbanguly Berdimuhamedow. Älem içre at gezer. Roman. – A. TDNG. 2011.

25. Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet guşy. Roman. – A. TDNG. 2013.

26. Gurbanguly Berdimuhamedow. Çaý melhem, hem ylham. –A. TDNG 2016.

27. Gurbanguly Berdimuhamedow. Gadamy batly bedew.–A. TDNG 2016.

28. Gurbanguly Berdimuhamedow. Arşyň nepisligi. –A. TDNG 2016.

29. Paýhas çeşmesi. –A. TDNG. 2016.

30. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. - A. TDNG. 2001.

31. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap. Türkmeniň ruhy belentligi. - A. TDNG. 2004.

32. Saparmyrat Türkmenbaşy. Arkadaşlyk we garaşsyzlyk. - A. TDNG.1995.

33. Saparmyrat Türkmenbaöy. Biz adalat jemgyýetini gurýarys. - A.TDNG. 2000.

34. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. - A. TDNG. 2009.

35. N. Suwhanow we başgalar.Türkmen jemgyýetiniň ösüşinde tehnologiýalaryň orny. - A. TDNG. 2003.

36. N. Suwhanow we başgalar. Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy. - A. TDNG. 2011.